К. Ю. Шишкина // Молодежь, семья, общество. Материалы международной конференции. – Рязань : Лист, 2013. – С. 289–293.

13.Greenberger E. Education and the Acquisition of Psychological Maturity / E. Greenberger. – N. Y. : Irvington Publishers, Inc. 1982. – P.155–189.

***Акмамедова Бахар****, студентка першого курсу сектору міжнародних зав'язків та підготовки іноземних громадян Національного університету цивільного захисту України, громадянка Тукрменістану*

## BERKARAR DÖWLETIŇ BAGTYÝAR NESILLERI

Men türkmen. Şonuň üçin mähriban ýurdum bolan Türkmenistanda ýaşaýaryn. Men şu Watanda ýaşaýandygyma guwanýaryn. Çünki biziň ýurdymyz parahat, asuda, eliňi uzadan ýeriňe ýetýär. Ýurdymyzyň çagalary üçin köp aladalar edilýär. Çagalar biziň gelejegimizdir. Mähriban Prezidentimiz hem çagalar üçin köp alada edýär. Gelejeki eneleriň saglygyny goraýar. A çaga doglandan onuň ene-atasyna belli bir möçberde Türkmenistanyň pul birligi berilýär we şol pul çagalaryň sanyna görä köpelýär. Soňra bolsa her bir doglan çaga 3 ýaşyny doldurýança Türkmenistanyň pul birliginde 100 manat möçberinde her aý tölenýär. Çagalar bagyna ene-atalar aýda 8 manat töleýärler. Bilime Türkmenistanda uly üns berilýär. 2013-2014-nji okuw ýylyndan başlap Türkmenistanda bilim 12 ýyllyk bolup, her bir çaga 6 ýaşynda 1-nji synpa okuwa baryp bilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow her bir okuwa baran çaga häzirki zaman kompýuterlerini sowgat berýär.

Mekdepde mugallymlar diňe görkezme esbabyň kömegi bilen sapak geçmän eýsem her bir sapakda her bir tema degişli kompýuteri ulanyp bilýärler.

Mundan başga mekdeplerde ýörite her hili gurnaklar açylyp, çagalaryň zähmete bolan terbiýesini ýitileşdirýär. Ýene-de Daşoguz şäherinde çagalaryň bilimiň çuňlaşdyrmak üçin tölegli okuwlar açyldy. Mundan başga-da ýaş zehinleri ýüze çykarmak maksady bilen her ýyl Türkmenistanda sport çäreleri geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen şu ýylyň 1-nji sentýabyrynda müňlerçe adamyň gatnaşmagynda weloýöriş geçirilmegi sportuň bu görnüşine bolan gyzyklanmany üzül-kesil artdyrdy. Weloýörişe gatnaşanlaryň arasynda ýetginjekleriňem bardygy üçin onuň ýaş nesillerde-de uly gyzyklanma döredýändigini nygtap bileris.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe sport durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Ýurdumyzyň ähli ýerinde gurulýan sport maksatly desgalar ýaşlara sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga we barha taplanmaga giň mümkinçilik açýar. Şeýle alada bilen gurşalýan türgenlerimiz halkara derejesindäki ýaryşlara hälişindi gatnaşyp, ýurdumyzy sport abaýyny gormagy başarýarlar. Şol türgenlerimiziň arasynda çagalryň we ýetginjekleriň bolmagy diýseň guwandyryjy ýagdaýdyr.

Şöhratly Watanymyzyň täze ösüşler bilen gülläp ösmegi, onuň has-da kuwwatlanmagy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyp „XXI asyr bilim, ylym asyrydyr" diýip nygtaýşy ýaly, ýaş nesliň ylymly-bilimli bolup ýetişmegi bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Aslynda hem öz gözbaşyny

alyslardan alyp gaýdýan, zähmetsöýer türkmen halkymyzyň ylym-bilimi teşnelik bilen öwrenmegi tötänlik däldir. Munuň şeýledigine taryhymyza nazar aýlanymyzda hem aňryýany bilen göz ýetirmek bolýar. Ynha, iňuly kitaphanalaryň biziň ýurdumyzda ýerleşmegi-de, dünýä meşhur taryhçylaryň, alymlaryň danalryň türkmen topragynda meşhurluga eýe bolmagy buýsançlydyr. Şeýle-de taryhy çeşmelerden paýhasly ata-babalarymyzyň ylym-bilim öwrenmek üçin hiç bir kynçylykardan gaçmandyklaryna, aly ýollary ýakyp edip, bilim öwrenmäge gidilendigine aýdyň göz ýetirýärsiň. Pederlerimizden gelýän ajaýyp ýörele Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mynasyp dowam etdirlip, hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasy, taýsyz tagallalary bilen diýseň belent derejelerde, dünýä ülňülerine laýyklykda ösdürýärler.

Hormatly Prezidentimiziň „Häzirki döwürde umumadamzat gymmatlyklary dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi göz öňnde tutulyp, şeýle hem halkymyzyň medeni, milli-ruhy ýörelgeleri, däp-dessurlary bilen sazlaşykda ýurdumyzyň milli bilim ulgamyny özgertmek ugrundaky döwlet maksatnamalarymyz üstünlikli durmuşa geçirilýär” diýip nygtaýşy ýaly, mähriban Watanymyzyň bilim ulgamyndaky bolan özgertmelere nazar aýlanymyzda, buýsanç duýgularymyz goşlanýar.

Hormatly Arkadagymyzyň bilim ulgamyny özgertmek dogrusyndaky aladalary netijesinde bu günki bagtyýar çagalarymyz çuňňur ylym-bilim alýarlar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe paýtagtymyzda we ýurdumyzyň ähli ýerlerinde häzirki zaman kompýuterleri, okuw-tehniki enjamlary, interaktiw – multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilen, internet ulgamyna birikdirilen döwrebap we ýokary okuw mekdepleriniň, çagalar baglarynyň, çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň sanynyň barha artýandygy buýsanç bilen bellenmäge mynasypdyr. Ylym-bilimi çuň özleşdirmäge giň ýol açýan ol binalaryň ýurdumyzda bellenýän baýramçylyklar mynasybetli açylyş dabaralarynyň guralyşyny, ol ýerde döredilen dünýä ülňülerine laýyk gelýän müminçilikleri görýän halkymyz milli Liderimize müň mertebe alkyş aýdýar.

Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk kämilleşdirmek, bilimli, ylymly Watanyň beýik geljegi, halkyň ykbaly ugrunda ýokary jogapkärçilik duýgusyna eýe bolan päk ahlakly watansöýüji ýaşlary teriýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalary jemgyýetimizde ylmyň we bilimiň gymmatynyň has-da artmagyna, bilimleriň we hünärleriň çuň özleşirmegine diýseň oňyn täsir edýär. Ynha, bilim özgertmelrine, kabul edilen resminamalara nazar aýlanyňda, muňa ýene bir gezek göz ýetirýärsiň. Aslynda geçen okuw ýylynyň ýurdumyzda bilim özgertmeleriniň we şu ugurda uly ösüşeriň ýyly hökmünde taryha geljegine şek-şübhe bolup bilmez.

Hormatly Prezidentimiz 2013-nji ýylyň 1-nji martynda „Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Permana we „Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakynda” Karara gol çekdi. Bu resminamalara laýyklykda 2013-2014-nji okuw ýylyndan başlap, ýurdumyzda umumy orta bilim berýän mekdeplerde 12-ýyllyk orta bilme geçirilýär. Milli Liderimiziň Karary esasynda tassyklanan 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasy, „Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň „Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamanyň”, „2012-2016-njy

ýyllarda Türkmenistanyň bilim ulgamyny ösdürmegiň döwlet ýaly-da dünýäde şu ugurdaky şsüşlerden gözbaş alýar.

Mälim bolşy ýaly, bu Konsepsiýa laýyklykda, uly şatlyk bilen garşylanan täze okuw ýylyndan çagalar mekdebe 6 ýaşdan kabul edildiler. 1-nji synpa gadam basan okuwçylaryň her birniň netbuk kompýuterler bilen üpjün edilmegi-de bellenmäge mynasypdyr. Şýle-de şu okuw ýylyndan täze dersler, hususanda, Türkmenistanyň medeni mirasy, ykdysadyýetiniň esaslary, ekologiýa, dünýä medeniýeti, informasiýa kommunikasiýa we innowasiýa tehnologiýalary , medelirleme we grafika boýunça dersleriň girizilmeginiň ösüp gelýän ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, kämil bolup ýetişmeklerinde uly ähmiýete eýe boljakdygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Elbetde, ýurdumyzyň bilim ulgamyndaky uly özgertmeleriň oňyn netijesiniň durmuşynda öz beýanyny tapmagy halkymyzyň ylym-bilime bolan söýgüsini has-da artdyrýar, bu ugurda belent üstünlikleriň gazanylmagyna badalga bolýar. Muny geçen okuw ýylyndaky össleriň mysalynda hem görmek bolýar. 2012-2013-nji okuw ýylynda mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen „Altyn asyryň altyn zehinleri" ders bäsleşiginde işjeňlik görkezen okuwçylaryň ençemesi döwlet tapgyryna gatnaşmak bilen, ýokary netijeleri gazanmagy başardy. Mekdep okuwçylarynyň kompýuter taslamalary boýunça halkara orunlara mynasyp bolup, ençeme altyn, kümüş, bürünç medallaryň eýesi bolup bilendikleri-de ýurdumyzda ylym-bilimiň çuňňur özleşdirýändigini görkezýär. Şeýle-de okuwçylara bilim berýän mugallymlaryň-da hünär derejeleriniň işlerine bolan höwesleriniň görnetin artýandygyny hem bellärliklidir. Okuw ýylynyň dowamynda mugallymlaryň we terbiýeçileriň arasynda geçirilýän bäsleşiklerde onuň aýdyň beýanynyň ýüze çyknandygyny görmek bolýar.

Şu ýylyň 9-njy awgustynda geçirilýän Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň giňişleýin mejisinde ýurdumyzyň bilim ulgamyny ösdürek boýunça ýaýlaňlandyrylan özgertmeleriň durmuşa geçirilişi barada edilan işlere seljerme berildi. Çykyşlardan mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ähli ýerlerinde häzirki zaman mekdepler we mekdebe çenli çagalar edaralary, orta hünär we ýokary okuw mekdepleri, çagalar sagaldy we dynç alyş merkezleri gurulýar. Täze okuw kitaplaryny taýýarlamaga, innawasion tehnoloiýalary Mekdebe çenli çagalar edaralary, orta hünär we okary mekdepleri, çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri urulýar. Täze okuw kitaplaryny taýýarlamaga, innawasion tehnologiýalay, okuw-tehniki enjamlaryny ornaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Şeýle-de şu ýylyň sentýabr aýyndan mugallymlaryň zähmet haklary 10 göterim 2014-nji ýylyň 1-nji ýawaryndan ýeýe-de 10 göterim ýokarlandyrýandygy-a mugallymlary döredijilikli zähmete has-da höeslendirýär. Ýene-de bir bellemeli zat, täze okuw ýylynyň başyna çenli ýurdumyzda ýene-de ähli amatlyklary bolan dünýä ülňülerine laýyk gelýän jemi 6924 orunlyk 13 sany orta mekdebiň we 250 orunlyk iki sany çagalar bagynyň açylmagy halkymyzy çäksiz buýsandyrýar.

Çaga dünýäsi örän täsin hem gyzykly. Şol ajaýyp dünýäniň bu owadan barlygyň bar ýaraşgy-zynatydygyny nygtasak asla öte geçdigimiz bolmasa gerek. Dogrudan hem bu ümmülmez Ýer tpgalagy çaga bilen, çaga dünýäsi, Çaga gülküsi bilen gözel. Çagalaryň bagtyýar keşbi, naşyja esleri durmuşyň naýbaş göki, ýaşaýşyň manysy, durky. Çaga halkybyň päklikde, tämizlikde nusgadygyny aýtsak

hem, bizi geňlän tapylmasa gerek. Ýünki şahyr bu hakykaty inçelik bilen yzarlap, aýratyn bir ussatlyk bilen sünnäläp, Aý dogan ýaly, işgär etmegi hötdesinden gelipdir:

Säher turyp syl ýüzüňe çagaňy,
Päkligiňde bolup bilseň, şonça bol.

„Aperin” diýdirýän bu setirler asyl-ha düşündiriş talap etmeýär.

Hormatly Prezidentimiziň: „Ýaş nesil hakynda alada Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden başlap döwlet syýasatynyň has köp üns berilýän ugruna öwrüldi. Munuň özi biziň ýaş raýatlarymyzyň hukuklarynyň doly berjaý edilmegini kepillendirýän kanunçylyk namalarynda we dürli anyk maksatnamalarda öz beýanyny tapy” diýen parasatly sözleri berkarar döwletimizde ýaş nesliň gurşalyp alnandygyna güwä geçýär. Hakykatdan-da, biziň ýurdumyzda çagalar baradaky aladanyň döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň birine öwrülendigini bellemek gerek. Munuň özi, ozaly bilen bir hakykaty bütin aýdyňlygy bilen aýan edýär. Ýaş raýatlarymyz bolan çagalar hakyndaky alada döwletimiziň geljeginiň has rowaý we röwşen bolmagynyň kepilidir. Ýünki bu günki çagalar ertirki gün ýurdy dolandyrmaly, Watanymyzyň gülläp ösmegi üçin işlemeli, döretmeli, guramalay hünärmetleridir. Watanymzyň röwşen ertirleriniň dowamaty bolan ýaş nesliň talabalaýyk, döwrebap terbiýelenmegi hem bilim almagy, saglygy, wagtynyň gyzykly, şadyýan geçmegi, ýagny gowy dynç almagy üçin ýurdumyda uly işler amala aşyrylýar. Dünýä ülňülerine doly laýyk gelýän, ähli amatlyklary bolan çagalar baglary we mekdepler ulanylmaga berlip, olarda ýaş nesillerimizi müňlerçesi terbiýe we bilim alýarlar. Çagalaryň baş wagtyny gyzykly we şadyýan geçirmekleri üçin paýtagtymyzyň gözel künjeklerinde ýerleşýän Buzly köşk , “ Olimpiýa “,suw sport toplumy, “ ertekiler dünýäsi “ seýilgähi,Gurjak teatry we başgada birnäçe sport desgalary hem-de medeni-dynç alyş öýleri mydama ýaş raýatlarymyzyň hyzmatynda .Mahlasy,çagalaryň netijeli okamagy,göwnejaý dynç almagy hem hemmetarapalýyn kadaly ösüşi ugrunda ähli şertleriň döredilmegi üçin eziz diýarymyzda uly tagallalar edilýär.

Mälim bolşy ýaly ,her ýylyň 1-nji iýunynda çagalary goramagyň halkara güni Garaşsyz,baky Bitarap döwletimizde giňden bellenilip geçilýär. Şu mynasybetli parahatçylyk söýüji,asuda,abadan eziz diýarymyzyň dürli künjeklerinde ýatdan çykmajak dabaralar giňden ýaýbaňlanýar. Ylaýta-da ,berkarar ýurdumyzyň dowamaty bolan ýaş nesillerimiz üçin hiç haçan unudylmajak şowhunly şagalaňly pursatlara beslenýän şol giň gerimli üäreler biziň güneşe baý sahawatly ülkämizde çagalar baradaky aladanyň neneňsi-niçiksi derejede uludygy baradaky hakykaty bütin dünýä ýaýýar. Ynha çagalary goramagyň halkara gününiň döwletli- döwranly eziz diýarymyzda uludan toýlanýan günlerinde janyňa tenekar hoştap howaly ajaýyp dag tebigaty bilen gurşalan Gökderede 500 orunlyk “ Şöhle” çagalar sagaldyş we dynç alyş merkeziniň açylyp ulanylmaga beriljekdigi sözüň doly manysynda taryhy waka hökmünde häsiýetlendirmek bolar.

Biziň ähli üstünliklerimiz hem rowaçlyklarymyzyň gözbaşynda duran hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen gurlyp ,ulanylmaga beriljek bu dynç alyş merkezi ähli amatlyklary özünde jemleýän täsin arhitektura gurluşly döwrebap binadygy bilen aýratyn tapawutlanaýar. Bu merkezde çagalaryň ýokary derejede göwnejaý dynç almaklary we wagtlaryny gyzykly ,şadyýan geçirmekleri üçin ähli

amatly şertleriň döredilendigini bellemek gerek. Ozaly bilen Hakdan halatly türkmen halkynyň mähir- muhabbetden püre-pür kalby ýaly nurana we çogly tomus paslynyň güneşe baý ülkämize mübärek gadamyny goýmagy bilen berkarar döwletimiziň bagtyýar. Çagalaryna gujagyny giňden açan bu ajaýyp täze çagalar dynç alyş merkeziniň döwrebap enjamlaşdyrylandygyny aýtmak örän buýsandyryjydyr. Çagalaryň maksadalaýyk we göwnejaý dynç almaklary üçin bu ýerde kompýuter oýunlary ,kitaphana,küşt we şaşka ,sport we kompýuter oýunlaryny ,saz çeperçilik ,el işleri we tikinçlik ýaly birnäçe otaglarynyň ,suwa düşülýän howuzyň bolmagy täze merkezde dynç aljak ýaş nesillerimiz her bir gününi ýatdan çykmajak pursatlara beslenjekdiginden habar berýär.Munuň üçin milli Liderimiziň çagalara aýratyn söýgi,aýratyn alada bilen garamagyň , olara özüniň iň gowy zatlaryny bagyş etmegiň türkmenleriň gadymdan gelýän däpleriniň biridigi ,ata-babalarymyzyň bu ajaýyp ýörelgesiniň Garaşsyz Türkmenistanyň syýasatynda öz ornuny tapandygy baradaky aýdan parasatly sözleriniň aýdyň dabaralanýandygynyň özboluşly güwäsidir

Şundan ugur alyp türkmen jemgyýetinde her bir maşgalanyň ,her bir öýüň altyn aşygy,geljegiň dowamy,nesil daragtynyň dowamaty saýylýan körpeleriň döwletimiz tarapyndan uly üns-alada bilen gurşalyp alandygy baradaky hakykaty ýene-de bir gezek tekrarlamak has-da ýakymlydyr.

Ýatda galyjy buýsançly we guwançly pursatlara beslenen ajaýyp toý çäreleriniň biri-biri bilen sazlaşýan hem aýratyn many-mazmun bilen baýlaşýan günlerinde çagalaryň hukuklaryny goramak boýunça III Merkezi aziýa forumynyň Türkmenistanda öz işini başlandygyny nygtamak iňňän ýerlikli bolsa gerek. Ata Watanymyzda ilkinji gezek geçirilýän bu formuň diňe bir berkarar döwletimiziň berkarar raýatlarynyň däl,eýsem halkara jemgyýetçiliigniň hem ünsini özüne çekendigini bellemek gerek.

Milli Liderimiziň “ Ösüp gelýän ýaş nesil meselelerine örän ýokary derejede üns berýär. Türkmenistan bu meselede Birleşen Milletler guramasy bilen örän işjeň hyzmatdaşlygy ýola goýdy “ diýen sözlerini ýatlamak ýerlikli bolsa gerek . Hakykatdan-da,biziň ýurdumyzda çagalaryň azatlyklary hem-de hukuklary goralýar.

Çaga-durmuşymyzyň güli. Çaga ene -atanyň, maşgalanyň, il-günüň, döwletiň guwanjy. Biziň täzeden galkynýan, her bir üstünligi, düýpli tutumly Hormatly Prezidentimiziň mynasyp baştutanlygynda müňýyllyklara uzaýan Türkmenistan döwletimizde çaganyň ykbalyna aýratyn üns berilýär.Çaga ykbaly,onuň egsilmez bagtyýarlygy, aladasyz, gamsyz durmuşyň eýesi bolmagy üçin halkara derejede alada edilýär. Şeýle mynasyp alada täze Galkynyş zamanamyzda biziň hormatly Prezidentimiziň baştutanlyk edýän türkmen döwleti hem paýhaslylyk ilen goşulyşýar.

Görşümiz ýaly, hormatly Prezidentimizň ,,Nesilleriň bagtyýar ýaşamagy, olaryň hakyky watançy, il-halar, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri meniň baş aladamdyr. Çünki nesillerimiziň bagtyýarlygy, şadyýan gülkileri il abadançylygyndan, ýurt parahatçylgyndan nyşandyr” diýip belleýşi ýaly, adam mertebesini ilkinji orunda goýýan Garaşsyz, Baky Bitarap döwletimizde çagalar ly alada, mähir bilen gurşalyp alynýar.

Bu günki ýaş nesil-ertirki Watan eýeleri, geljekde ýurdy ösdürjek adamlar. Hut şu jähitden hem olaryň ylym-bilimden ýüküniň ýetik bolmagy, jemgyýete peýdaly, kämil hünärmenler bolup ýetişmegi ýurdumyzda ileri tutlan ugurlardyr. Hormatly Prezidentimiziň: „Halkymyzyň geçmişini bilýän, döwletimiziň şu günki ýeten belentliklerine guwanýan, buýsanýan, jemgyýete, maşgala, dogan-garyndaşa, dost-ýara wepaly, ylym-bilimli, berkarar Watanymyzy beýgeltmäge ukyply, hakyky watansöýüji nesilleri ýetişdirmek biziň baş maksadymzy bolup durýar" diýi nygtaýşy ýaly, geljegimizi gülletjek kämil ýaşlar bolup ýetişjekdigimize söz berýäris!

Bu üstünlikleriň ählisi türkmen halkymyzyň öz milli Lideri bilen bitewiliginden badalga alýar.

Goý türkmen halkymzyň eşterli ertiriniň hormatyna bu bitewilik baky bolsun!

**Çaganyň psihiki ösüşini öwrenmek**

Çaganyň psihiki ösüşiniň dürli sebäpleri, faktorlary bar. Şolaryň arasynda ösüşe uly goşant goşýan baş faktor – okatmakdyr. Adamzadyň tejribesi, geçmişdäki öňki nesilleriň aňy , psihologiýasy , ruhy dünýäsi olaryň işleri arkaly döredilen medeniýetiniň önümlerine siňdirlendir. Adam çagasynyň psihiki ösüşi adamzadyň medeniýetini özleşdirmegiň netijesidir. Medeniýetiň önümlerini şertli iki bölege bölmek bolar: material we ruhy önümleri. Okuwyň mazmuny - şol önümleri özleşdirmäge gönzkdirilendir. Olary özleşdirmek mugallymlaryň ýa-da ululary okuwçylar bilen bilelikdäki işlerinde bolup geçýär. Okatmak , öwretmek psihiki ösüşiň sebäbidir , psihiki ösüş – okatmagyň netijesidir. Okatmagyň psihiki ösüşe täsirine dogry düşünmek üçin çaganyň psihiki ösüşinde L. S. Wygotskiý iki derejäni görkezýär. Ösüşiň aktual , işleýän derejesi – onda çaga meseleleri bilimlerini ulanyp özbaşdak çözýär. Ösüşiň golaýdaky derejesi – onda çaga meseläni özbaşdak däl-de ulularyň kömegi bilen çözýär , ýagny bu derejedäki bilimleri özleşdirmek we mesele çözmek üçin zerur psihologiki prossesleri ýaňy döremek , emele gelmek derejesinde çözülýär.

Psihologyň gulluk borçlarynyň biri-de – okuwçylarda ýetmezçilik edýän akyl ýetiriş prosseslerini – ünsi , kabul etmegi , ýat tutmak usullaryny formirlemekdir. Onuň üçin gollanmalarda , testlerde getirilen materiallary diagnostikada ulanyp bolandan soňra öwretmekde , türgenleşikde ulanmak bolar. Birinji ýumuşy psihologyň özi ýuwaş tempde , howlukmazdan , bölekleýin , jikme – jik düşündirip ýerine ýetirip görkezýär. Beýlekilerini köpçilikleýin , her bir okuwçynyň pikirlerini hasaba alyp işlemek bolýar.

Hormatly Prezidentimiz „ Älem içre at gezer " atly meşhur taryhy romanynda özüniň atasy, görnükli mugallym , watançy Berdimuhamet Annaýewiň özboluşly keşbini döretmek bilen, onuň mugallymçylyk pelsepesi, okadyş usuly, okuwçylar, ata –eneler bilen geçieýän işleri, öz döwri bilen baglanşykly täzelikleri mekdep durmuşyna ornaşdyryşy, ylym-bilim ulgamyndaky kynçylyklary ýeňip geçişi, dürli häsiýetli çagalar bilen işlemek meselesi we beýlekiler örän takyk we çeper beýan edilýär. Berdimuhamet mugallym çagalara hemişe mylaýymlyk bilen çemeleşýär. Ol Gyzyletrek raýonynyň Gudryolum obasyndan mugallym Hojaguly Berdiýewiň : „ Çaganyň häsiýetini okamagy başarmak gerek. Oňa düşünmek gerek. Çaga ýalňyşybam biler, onuň pikiri düýbünden nädory bolubam biler, ol hat-da garagollyga we ýalňyş etmişlere-de ýol berip biler. Ýöne her hili ýagdaý

bolanda-da, çaga gahar bilen bakmak we üstüne gygyrmak bolmaz ” diýen pikirlerini doly goldap, şol pikir bilen hem iş ýöredýär. Berdimuhamet mugallymyň terbiýeçilik sapaklarynyň ýene biri ol hemişe çagalaryň maşgala ýagdaýyny, häsiýetlerini öwrenmegi birinji orunda goýýar, ol öňünde oturan ýüregi arassa, päk çagany hemişe özünden belent saýýar. Olara uly söýgi, ýagşy umyt bilen garaýar. „ Çaga diýeniň pamyk ýaly ýumşak we öte duýgur bolýar. Olary kemsitmek, olara zyýan ýetirmek, olaryň göwnüni syndyrmak ýol berilmesiz kanundyr. Şuny bir pursat ýadyndan çykaran adam şobada mugallym diýen ady götermäge bolan hukugyny ýitirýändir ” diýip öwredýär.

Sözümiň şu ýerinde söýgüli şahyrymyz Gurbannazar Ezizowyň şeýle setirleri ýadyma düşýär :

Söýüň çagaňyzy, söýmekden armaň,
Säherler oýanyp, öpüň bir salym.......